SpaceX, Tesla we X (ozalky Twitter) kompaniýalarynyň eýesi Ilon Mask 2025-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda dünýäde ilkinji bolup 500 milliard dollarlyk baýlyga eýe boldy. Bu barada *Forbes* žurnaly özüniň Real-Time Billionaires indeksine salgylanyp habar berýär.

1-nji oktýabrda ABŞ-nyň gündogar wagty bilen 15:30-da Tesla kompaniýasynyň paýnamalarynyň ep-esli ýokarlanmagy bilen Maskyň baýlygy bir günde 9,3 milliard dollar artdy. Şeýlelikde, onuň baýlygy 500 milliard dollara ýetdi. Gün tamamlananda bolsa bu görkeziji birneme peselip, 499,1 milliard dollara deň boldy.

Ilon Maskyň baýlygynyň ösüşi örän çalt boldy:

- Mart 2020: 24,6 milliard dollar
- Awgust 2020: 100 milliard dollar
- Ýanwar 2021: 190 milliard dollar — dünýäniň iň baý adamy
- Sentýabr 2021: 200 milliard dollar
- Noýabr 2021: 300 milliard dollar
- Dekabr 2024: 400 milliard dollar
- Oktýabr 2025: 500 milliard dollar

*Bloomberg* agentliginiň maglumatyna görä, Maskyň baýlygy 470 milliard dollara deň bolup biler. Ikinji orunda Oracle kompaniýasynyň esaslandyryjysy Larri Ellison durýar. Onuň baýlygy Maskdan 120–150 milliard dollar az hasaplanylýar.

*Forbes* žurnaly Ilon Maskyň 2033-nji ýylyň mart aýyna çenli dünýäde ilkinji dollar trillioneri bolup biljekdigini çaklaýar. Şeýle hem, *Informa Connect Academy* analitik topary geçen ýyl bu sepgide Maskyň 2027-nji ýylda ýetip biljekdigini öňe sürdi.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026